# DURNUKLY ÖSÜŞ WE ESG ÝÖRELGELERINI BERJAÝ ETMEK BABATYNDAKY SYÝASATY

«Durnukly ösüş we ESG ýörelgelerini berjaý etmek babatyndaky Syýasaty» («E» — Daşky gurşaw, «S» — Durmuş jogapkärçiligi, «G» — Korporatiw dolandyryş) (mundan beýläk — «Syýasat»), «Arassa Deniz» HK-nyň (mundan beýläk — HK) we HK-nyň ýolbaşçylygynyň öz işinde durnukly ösüş ýörelgelerini (ESG ýörelgelerini) hökmany berjaý etmek baradaky garaýyşlaryny beýan edýär. Bu bolsa daşky gurşawa aýawly çemeleşmäge, amatly durmuş şertlerini döretmäge, işgärlere we hyzmatdan peýdalanyjylara ak ýürekli gatnaşmaga, şeýle hem geljekki nesilleriň bähbidi üçin degişli korporatiw dolandyryşa esaslanýan döwrebap biznesiň üstünlikli ösmeginiň iň möhüm şertidir.

HK ähli gyzyklanma bildirýän taraplaryň öňündäki öz jogapkärçiligine düşünýär hem-de olar bilen adam hukuklaryna hormat goýmaga, kanunçylygy we beýleki ähmiýetli kadalarydyr düzgünleri berjaý etmäge esaslanýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýýar.

**Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) durnukly ösüş babatyndaky maksatlary bilen utgaşýan ileri tutulýan ugurlar we maksatlar:**

- **tebigy serişdeleri oýlanyşykly we netijeli peýdalanmak, galyndylary dogry dolandyrmak, şeýle hem işgärleri daşky gurşawy goramak meselelerini çözmäge çekmek, olary yzygiderli okatmak we habardar etmek arkaly daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiri azaltmak;**
- **HK-nyň işgärleriniň abadançylygy barada alada etmek we olaryň ömri hem-de saglygy üçin howpsuz zähmet şertlerini döretmek;**
- **aýdyňlygy we açyklygy üpjün edýän üstünlikli, ykdysady taýdan durnukly we bäsleşige ukyply biznesi ösdürmek;**
- **ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen kanuny we durnukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny gurmak.**

**1. Sagdyn durmuş we abadançylyk**




**2. Gender deňligi**




**3. Arassa suw we sanitarýa**




**4. Arzan we arassa energiýa**




**5. Senagatlaşdyrma, innowasiýa we infrastruktura**




**6. Jogapkärli sarp ediş we önümçilik**




**7. Klimatyň üýtgemegine garşy göreş**




**8. Deňiz ekosistemalaryny gorap saklamak**




**9. Gury ýer ekosistemalaryny gorap saklamak**




**10. Durnukly ösüşiň bähbidine hyzmatdaşlyk**




**«Syýasatyň» durmuşa geçirilmegi aşakdakylar arkaly gazanylýar:**

- Türkmenistanyň kanunçylygy we ESG babatyndaky halkara hukuk namalary tarapyndan bellenilen talaplaryň we kadalaryň, şeýle hem çözgüdi kanunçylyk ýa-da kadalaşdyryjy namalar bilen düzgünleşdirilmeýän meseleler boýunça özüniň gollanma resminamalarynyň berjaý edilmegi;

- HK-nyň ýolbaşçylygynyň durnukly ösüş (ESG) babatyndaky ileri tutulýan ugurlara we maksatlara üýtgewsiz ygrarlylygy arkaly;
- Hünär hyzmatlarynyň berilmegi döwründe daşky gurşawa ýetirilýän ýaramaz täsiriň öňüni almak we ony azaltmak arkaly;
- Tebigy serişdeleriň we energiýanyň peýdalanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri görmek arkaly;
- Galyndylary dogry dolandyrmak arkaly;
- Gyzyklanma bildirýän taraplaryň ekologiýa başlangyçlaryny goldamak arkaly;
- Dürli ekologiýa çärelerine meýletin gatnaşmak arkaly;
- Adam hukuklaryny berjaý etmek, şahsyýetiň gymmatlyklaryna we mertebesine hormat goýmak arkaly;
- Adam hukuklary, zähmet gatnaşyklary babatyndaky çemeleşmeleri yzygiderli kämilleşdirmek arkaly;
- Deň mümkinçilikleri üpjün etmek hem-de gender, jynsy, etniki we beýleki deňligi, şol sanda zähmet haky tölenende berjaý etmek arkaly;
- HK-nyň «gyzgyn liniýasyna» ýüz tutýan HK-nyň işgärleriniň hukuk goragyny üpjün etmek arkaly;
- Zähmet işiniň barşynda betbagtçylykly hadysalaryň, hünär keselleriniň we heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak maksady bilen, sagdyn we howpsuz zähmet şertlerini üpjün etmek arkaly her bir işgäriň saglygy barada alada etmek arkaly;
- HK-nyň işgärlerini ähli derejelerde işe çekmek arkaly;
- HK-nyň ähli işgärleri bilen yzygiderli dürli okuwlary geçirmek, şol sanda hyzmatdan peýdalanijylar bilen bilelikdäki okuwlary we türgenleşikleri guramak arkaly;
- HK-nyň ähli işgärleri tarapyndan maglumat howpsuzlygynyň berjaý edilmegi arkaly;
- HK-nyň işgärlerini, şeýle hem hyzmat etmek baradaky şertnama boýunça çekilýän üçünji şahslary täjirçilik syrynyň we beýleki gizlin maglumatlaryň goraglylygyny üpjün etmegi düzgünleşdirýän HK-nyň -niň içerki kadalaşdyryjy resminamalarynyň talaplary bilen hökmany tanyşdyrmak arkaly;
- Milli we halkara derejelerde dürli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen aragatnaşygy saklamak we özara hyzmatdaşlyk etmek arkaly;
- Taraplaryň bähbitleriniň deňagramlylygyny berjaý etmek we işjeň hyzmatdaşlyk etmek arkaly;
- Işiň aýdyňlygy, maglumatlaryň aýan edilmegi we maliýe durnuklylygy arkaly;
- Korrupsiýa garşy göreşmek baradaky kanunçylygy gyşarnyksyz berjaý etmek arkaly;
- Dolandyryş edaralarynyň we wezipeli şahslaryň garaşsyzlygy hem-de hasabatlylygy arkaly;
- Satyn alma işiniň ýokary standartlary arkaly;
- Durnukly ösüş we ESG ýörelgelerini berjaý etmek babatynda dürli syýasatlary, düzgünnamalary, gözükdirmeleri, ýatlamalary, kadalary, buýruklary işläp düzmek we ornaşdyrmak arkaly.

HK-nyň ýolbaşçylygy şu «Syýasaty» berjaý etmäge, ony HK-nyň ähli işgärleriniň dykgatyna ýetirmäge, ony yzygiderli täzelemäge we gyzyklanma bildirýän taraplar üçin elýeterliligini üpjün etmäge borçlanýar.

| | | | |
|---|---|---|---|
| «Arassa Deňiz» HK-nyň<br>Baş direktory<br>(wezipesi) | M.W. Şwydko<br>(F.A.A.a.) | ____________ | «10» noýabr 2025 ýyl<br>(sene) |

TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «ARASSA DEŇIZ»